# Görgüli / powestiñ dowamy

Category: Kitapcy,Powestler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Görgüli / powestiñ dowamy ■ TALAŇÇYLYK

Bu wakanyň gahrymanlarynyň ikisi-de Aşgabatda ýaşaýar, aýatda diri adamlar. Olar orta mekdebi gutaryp, paýtagta ýokary bilim almaga gelipdiler, ýokary okuw jaýyny tamamlanlaryndan soň merkezde işe galmagy-da başarypdylar. Bu ýerde olaryň adyny üýtgedip almagy makul bildik. Birine Selim, beýlekisine Süleýman diýeliň. Selim Süleýmandan bir ýaş uly, bäş ýyl bäri pensiýada. Uniwersitetde biregne kyrk ýyl taryh mugallymy bolup işledi, ylymlaryň kandidaty, dosent. Süleýman diş doktory, pensiýa alsa-da işden çykanok, düşewündi gowy. Olar bir welaýatdan gelen adamlar, Aşgabatda tanşypdyrlar, haçan, nirede tanyşlyk açandyklaryny welin, ikisкm anyk aýdyp bilenok. Bir welaýatdan gelenleriň baryna Aşgabatda obadaş diýýärler, obadaşlyga laýyk gatnaşyk saklajak bolýarlar, toýa-ýasa baryp-gelişýärler.
Selim işden galanyna ökünmedik hem bolsa, aýaly öleli bäri boýnuny sallady, ýekelik derdeseri kyn bolarly. Dört otagly kwartirasyny iki otagla çalyşdy, öwezine dört müň dpllar aldym diýdi, Süleýman arzan beripsiň diýip, häzirem iňirdäpp ýör. Umuman, Süleýman iňre adam, zeýrenjeň, käýinjeň. Medisina hyzmatyna töleg girizileri bäri has-da zeýrenji artdy, döwlet biziň kisämize penjesini urdy diýip başlaýar. Işden galasy gelenok. Her gezek iş orunlary kemeldilýär diýlende zeýrenjini bes edýär, böwrüni diňläp, düzedip bolmajak betbagtlyga garaşyp gezýär. Howp sowlup geçdigi ýene hemişeki bol gazanjyň ýoklugandan zeýrenip başlaýar.
Selim pensiýa çykaly bäri Süleýman gelmesini azaltdy, indi gelse-de gara bokurdagy üçin gelýär. Selimiň nahar bişirmäge ökdeligini bileni üçin til edip, «seniň naharyň sarymy gaýnadanok, işdämi açýar, sülekeýim akyp başlady, öwlüýä kessin, doýjakdyryn, sen bir delje tagam bişirip oturan bolmaly» diýer. Salym bermän geler, gazanyňy boşadyp gider,

onuň iýermenligine haýran galaýmalydyr. Iki owurdy bilen iýýär, ýa-da bokurdagynda dişi bar diýilýänlerden.
Selim işleýärkä ony her ýyl giriş ekzamenlerini almaly mugallymlaryň sanawyna salardylar. Şuny bildigi Süleýman aljyrap başlardy, zeýrenerdi, dogan-garyndaşlarynyň köplüginden zeýrenerdi, men olaryň haýsy biriny kömкk edeýin, akmak bolupdyryn, Aşgabatda işe galmaly däl ekenim diýerdi. Soňra bäş-alty adamyň spisogyny görkezip: «Ýeri, bularyň haýsyny bijebaş etjek!» diýip gygyrardy, mañlaýyna urвrdy. Ekzamenler burna gelende, iki-üçüsine kömek etmeseň-ä men ýüzügara bolýan diýerdi. Selim başardygyndan kömek ederdi. Aşaklyk bilen duýduranlar boldy:
Süleýman diýen adam garyndaşlaryndanam pul alýar, kesekiden hasam köp alýar, ortada sen ýamanatly bolaýma diýdiler. Selim öňdenem müňkürlik edýärdi, duýdurlandan soň meseläni berk goýdy: ogluň-gyzyň bolaýmasa, başgalar üçin maňa ýüz tutma! diýdi.
Süleýman müňkür adam, Selim giriş ekzamenlerinden ummasyz gazanç edýändir öýdýär. Bir gezek degişmä salyp: «Parany gyzyl bilen alýanlaram bar diýýäler, sen-ä dollar alýansyň-la» diýdi. Selim gaharlanmady. «Haýsyny özüňe amatlydyr öýdýän bolsaň, şol diý-de pikir ediber» diýdi.
Golaýda Selim bilen Süleýmanyň arasyna tow düşdi, çöşläp bolmajak tow düşdi, asyl bara, gyr duşman boldular galaýdylar. Waka Süleýmanyň satyn alan seýfinden başlandy. Selimi ýörite äkidip, seýfini görkezdi. Bir adam göteräýmeli çemelije seýf, içi üç gat, hersiniň açary bar. «Şuň birini senem al» diýdi. «Maňa seýfiň zerurlygy ýok». «Isleseň, getir, seň puluňa-da ýer tapylar, kärende hakyny töleseň bolar» — Süleýman degişmä salyp güldi. Garaz, Selim jaýdan galan üç müň dollary Süleýmanyň seýfinde goýanyny biçem görmedi. Süleýman onuň puluny seýfe goýmazdan öň barmaklaryna tüýkürip, yhlas bilen sanady. «Seret, ine, iň düýpdäki öýjükde goýýan, ýene getiriber, näçe getirseň ýer bar» diýdi, göz edip, düýpdäki gapyň açaryny towlady, gulp ýapylandaky ýaňlanan owaza gulak asyp, keýp bilen güldi: «Ertekidäki döwem janyny muň ýaly buljum ýerde gizlän däldir» diýdi.

Iki aý geçip-geçmän Süleýman Selimiň gapysyndan kürsäp girdi, tördäki diwana göwresini taşlap, demini dürsemäge oturdy. Olaryň arasynda bolan gürrüň şeýle:

Süleýman: — Bir owurt suw ber… Selim jan, ikimizi taladylar, ýalaňaç gpýdular! Gündiziň güni öýe girip, seýfi göterip gidipdirler.
Selim: — Gapy açykmydy?
Süleýman: — Biziň gapymyzyň ýapyk mahaly ýog-a! Haçan görseň howlyň gapysam açyk durandyr, prohodnoý dwor! «Heleý, sen nirdediň?» diýýän, «Goňşulara çykan bolaýmasam» diýýä. Iki oglum öýde ekeni, o pirini uraýynlar, amerikan boýewiklerine seredip otyrkalar dünýe düňderläýsin, biljek gumanlary ýok! Belet adam eden bolmaly, seýfden başga alnan zat ýok.
Selim: — Polisiýadan gelenler näme diýdiler?
Süleýman: — Polisiýa duýduramok. Aýdaýynmy? Seň bilen maslahatsyz bir zat etmäýin diýdim. Seň üç müň dollaryň gitdi! Meňki müň dollara golaý, birazragam gyzyl-pyzyl…
Selim: — Haçan bolanyny takyk bilýäň gerek?
Süleýman: — Wah! Şony bilemok-da! Üç gün bäri seýfi açamok. Seýf tekjede, tutyň aňyrsynda durdy, özüň gördüň-ä! Barmy-ýokmy, her gün barlabam duramok. Ýaňy seretsem, tutyň aňyrsy boş. Soňky üç günüň birinde edilenini tassyklap biljek.
Selim: — Beh… heleýim goňşulara çykypdyr, ogullarym kino görüp oturan ekeni diýdiň.
Süleýman: — Diýdim.
Selim: — Diýseň, şol takyk mahaly aýtdygyň bolar-da.
Süleýman: — Meň aýdanym biziň öýde her gün bolup duran zat. Men şol bikärlerden halys iren! Heleýimem Keminäň heleýinden on beter, öýde oturmasa nätjek! Biziňkilere belet adamyň eden işi. Şu gün bilenim takyk, sagadyny, minudyny aýdybiljek.
Selim: — Aýt.
Süleýman: — Aýtdym-da!
Selim: — Maňa aýtdyň, indi polisiýa aýt.
Süleýman: — Aýtmazdan öňinçä pikir etsek, maslahatlaşsak… bu ýerde pikir edere zat bar.
Selim: — Seýfiň ogurlanany çyn bolsa, nämäniň pikirini etjek?

Süleýman: – Çynlyg-a çyn, müňkür bolara ýagdaý ýok, ýör, mün maşyna, gözüň bilen görüp gaýt.
Selim: – Meniň görenimden peýda ýok.
Süleýman: – Şonda-da oýlanşara zat bar. Sen meni diňle… polisiýa diýen tohumyna uraýynlara men belet. Ogurlygy daşardan gözlemezler, içerden gözlärler. Bäş dollar üçin million dollarlyk abraýym gaçmasyn-da. Saňa-da bolubileni boldy, üç müň dollar az-küç zat däl. Gideni bilen gedaý galmajagyň bellidirem welin, pul diýeniň pul bolýar-da.
Selim: – Seýfiň açary nirede?
Süleýman: – Özümde. Açar olarda bolup bilmez-ä, olar seýfi göterip gidipdirler diýdim, zapasnoý açaram özümde. Sülçüler senem bizar ederler. Onça dollary nirden gazandyň, nädip gazandyň? Soraýyn diýseň, sorag gytmy.
Selim: – Jaýymy satdym, dokumenti dur. Maňa degişli sowala özüm jogap taparyn.
Süleýman: – Taparsyň-la, tapmarsyň diýemog-a, men ýüregiňi bularlar diýip aýdýan. Näme üçin onça dollary kişiň öýünde goýupsyň, öz öýüňde goýmansyň diýseler? Sülçüleň soramaga haky bar, soragyň nejisinden nejisini tapjaklary görnüp dur-a! Maňa-da aňsat düşmez, hä-ä, kişiň puluny gizlejek bolduňmy?.. Şol pul halalam bolsa, sorarlar, jogap ber diýerler, gyssarlar.
Selim: – Sen meniň aladamy etme.
Süleýman: – Giriş ekzamende işleseň millioner bolandyr öýdýäler, göriplik artypdyr. Millioner däldigiňi men bilýän, olaryň bilesi gelmez, düşüneslerem gelmez. Haram puluňy gizlejek bolduňmy diýerler, halal bolsady, öýüňde saklardyň diýerler. Men entek bärkijesini aýdýan, hudaý saklasyn, olara ýanaşan özüň bolma!.. Ara ýolda senem azara goýdum. Işlän ýeriňden sprawka çöpläp ýörseler saňa-da abraý däl-ä…
Selim: – Maslahat tamam! Polisiýa näçe çalt habar etseň, maňa şonça gowy.
Süleýman: – Meseläň soňuna seredeli, Selim jan, soň ökünmesek ýagşy. Häzir biziň aýdanymyz bilen polisiýa seýfi tapar öýdemok, gözlärem öýdemok, sowet döwrüniň milisiýasy ýok. Gury ile gürrüň bolanymyz galar.

Selim: – Men gürrüňden gorkýan adam däl.
Süleýman: – Men-ä gorkýan, hudaýlygymy aýtsam, özümden beter seň üçin gorkýan.
Selim: – Aladaň üçin sag bol. Jenaýat agtarýan toparda okuwçylarymdan işleýänleri bar, özüm duýduraryn, sen gaýdyber.
Süleýman: – Bolýa-la, how, bolýa, bolýa! Ogry meň öýüme girdi, meň seýfimi göterip gitdi, men aýtmaly! Biraz özüme geleýin… Nä döwür, nä zamana boldy, gorkman öýüňe girip, törüňdäki zadyňy göterip gidýäler. Nämeden gorksunlar, geroin çekýänlerde ýürek barmy, iki tarapyny deňlän adamlar, ölmejek bolsa, ogurlamaly, her zat etmeli neşesine pul tapmaly. Nädende-de soňy ölüm, türmede ölenleri gowy. Il-güne amatlysyny etjek bolsaň, olary bir ýere ýygnagadan it atan ýaly atsana!..

Agşamlyk Selim Süleýmana til edýär, polisiýany çagyrdyňmy diýýär, çagyrman ekeni. «Ogurlygyň bolandygyny ynandyrmaga ymykly delil gözleýärin. niň öýümde seýfiň durandygyndan polisiýa bihabar-a» diýýär. Selim janygýar: «Ynha, men delil, meniň sözüme ynanarlar!» Süleýman hä diýenok. «Seni ara goşmajak bolýan, seň adyň geçmesin-dä» diýýär. Selim çydanok, gygyrýar: «Seýfi ogurlan men däl! Meniň pulumy gaýtar, soň näme etseň şony et, keýpiň kelläňde!» Süleýman: «Näme üçin seň puluňy men gaýtarmaly? Saňa zorluk edip, seýfde pul goýduran däldirin, men teklip etdim, özüň meýletin getirip goýduň» diýýär.
Selim Süleýmanyň bolşuna juda geň galýar, Süleýmanyň polisiýa habar etmejegine gözi ýetende, özi habar edýär. Jenaýaty agtaryş toparynyň ýolbaşçysy Süleýmany söhbete çagyrýar. Süleýmandan alan maglumatyny ol öňki mugallymy Selime ýetirýär: «Näme üçin men öýümde seýf saklaýyn? Weşeň-weşeň pulum bar diýip saklaýynmy? Mende artykmaç gazanjam ýok, artykmaç pulam ýok. Mende seýf ýok, seýfde kişiň puluny saklamaga höwesem ýok. Bankyň, amanat kassanyň hyzmatyny bitirmek maňa galmandyr» diýipdir. Mundan soň Selim Süleýmanyň bolşuna has-da geň galýar. Belki, ogullarynyň biri elegrilik edendir, boýun almagy namys bilýändir? Aljyrandyr, gorkandyr?

Neneňsi bolanda-da, uzak eglenmän Süleýmanyň geljekdigini bilýär, polisiýadaky gürrüňden soň arkaýyn oturyp bilmez. Bildirmän onuň sesini ýazmaly diýen karara gelýär, diktofony taýýar edip goýýar. Maksady Süleýmanyň näme etseminiň bardygyny anyklamak, çykgynsyz ýagdaýa düşen bolsa, hemaýat etmek. Onlarça ýyl gatnaşdylar, birek-biregiň duzuny iýdiler.
Süleýman polisiýadan çykyp, uzak eglenmän Selimiň ýanyna gelýär. Olaryň arasynda şeýle gürrüň bolýar:

Süleýman: – Sen müňkür adam ekeniň, Selim, müňkürligiň üçin sen jeza çekmäge mynasyp. Telim ýyl bäri gatnaşyp, duz-emek bolşup ýörüs, meni polisiýa çagyrtmaga utanmadyňmy?!
Selim: – Seýf ogurlandy diýdiň.
Süleýman: – Ogurlandy diýip, saňa aýtdym. Indi başga zat diýjek: seýf meň öýümde hiç mahalam bolmandy.
Selim: – Bolandygyna meniň janly şaýatlygymy nätjek?
Süleýman: – A men seň şaýatlygyňy inkär etjek! Seýfem ýok, Selim diýen adam pulam goýanok! Goýanyňa şaýat tapjakmy?
Selim: – Ynsap bardyr-a?
Süleýman: – Sen dollary ynsap bilen gazandyňmy?
Selim: – Müňkür diýip, saňa aýtsa bolar.
Süleýman: – Näme diýseň şony diý. Seýfem ýok, üç müň dollaram ýok! Utanman polisiýa şugullanyň üçin saňa jeza berjek. Seniň jezaň bahasy üç müň dollar!
Selim: – Diýmek, üç müň dollary goýanymy tassyklaýarsyň gerek?
Süleýman: – Tassyklamda saňa peýdasy näme? Men saňa şaýat däl. Seýfem ýok, seýfde pul goýanam ýok! Subut ederin öýtseň, eň polisiýaňa, tanyşlaň bardyr, howandarlaň bardyr. Ýöne pul goýaňda gapdalyňda howandarlaň ýokdy-da, ýoldaş mugallym! Gapdalyňda durup surata düşürenem ýok.
Selim: – Süleýman, saňa ne döw urdy?
Süleýman: – Döw seni urdy! Üç müň dollar!.. Aýtmak dilde aňsat.
Selim: – Beýle bet işe ýüz urandan, şol puly dilän bolsaň gowy bolardy.
Süleýman: – Beräýjekmidiň?! Üç müň dollary berermen bolsaň, sende dollar örän köp bolmaly.

Selim: – Million bolanda-da indi saňa ýeke dollar ýok.
Süleýman: – Men diläp alamok, gaňryp alýan! Dadyň ýetse, asmany çek!..

Selim ses ýazlan lentany polisiýadaky tanşyna gowşurýar. Ol ýene Süleýmany çagyrýar, ýazgyny diňledýär. «Eger şu gün üç müň dollary eýesine gaýtarmasaň, garşyňa jenaýat işini gozgamaly bolar» diýýär. Aňyrsy üç sagada ýetirmän, Süleýman Selimiň gapysyny kakýar, puly Selimiň eline berenok, iç bosaga zyňýar, öwrülip aşak düşüp barýarka: «Ýamanyňa ýarasyn!» diýip gygyrýar.
Selimiň başyndan inen ahwalat munuň bilen gutarmaýar. On gün geçenden soň gije eýwanaň açyk penjiresinden Selimiň jaýyna girýärler. Haçan, näçe adamyň girenini Selim bilenok, ýöne ýeke gelinmändigine ynanýar. Ukudaka agzyny dykyp, gözüni daňyp, elini sarap tualete gabapdyrlar, soňra içerini döküpdirler. Hiç zat almandyrlar, pul gözländirler diýse boljak. Gidenlerinde gapydan çykyp gidipdirler, açar gulpda dur.
Selim hajathananyň gapysyny depip açýar, kellesine urup seňseletmändiklerine şükür edýär. Soňra eýwandaky krpwatyň düşeginiň içine elini sokýar, pul goýan ýerini barlaýar, pul ýerinde dur. Eýwanyň öňündäki uly agaja dyrmaşyp içeri girilendigine göz ýetirýär. Polisiýa habar etmekden saklanýar. Süleýmandan güman ediljegini bilip dur, sebäbi öz göwnünde-de şol güman bar. Özüňe bek bolandan gowusy ýokdur diýip oturyberýär. Eýwanyň penjiresine demir gözenek kakdyrýar, demir gapy goýdurýar.

(dowamy bar)… Powestler